# TikTok çagalaryň we ýetginjekleriň AI arkaly daşky görnüşlerini gowulandyrmagyny gadagan eder

Gözleri ulaldýan, dodaklaryň görnüşini düzedýän ýa-da deri reňkini üýtgedýän gurallar gadagan ediler. Haýwan gulaklary ýaly gyzykly filtrler elýeterli bolmagynda galar.

Üýtgeşmeler, şeýle filtrleriň ýetginjekleriň öz-özüne baha bermegine edýän täsiri baradaky aladalaryň artmagy bilen baglanyşyklydyr.

Köp ýaşlar filtrleri ulananlaryndan soň hakyky daşky görnüşlerini ýaramaz hasaplaýandyklaryndan şikaýat edýärler.

TikTok ýaş çäklendirmelerini has-da berkidmegi meýilleşdirýär. Ýylyň ahyryna çenli platforma 13 ýaşdan kiçi ulanyjylaryň hasaplaryny pozmak üçin maşyn öwrenişine esaslanýan ulgamlary synagdan geçirmäge başlar.

Все права защищены